# Yşkyñ tokly mähiri

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Yşkyñ tokly mähiri YŞKYÑ TOKLY MÄHIRI




Seniň elleriňi gysan mahalym,
Süňňüme şeýlebir tok urup gidýär.
Şonda ýersiz-ýere gelýän gaharym,
Bir lahzada uçup, ýok bolup gidýär.
Nakys wujudyňdan beýle toguňam,
Nädip döreýşine aklym haýrana!
Batareý deý çöküp başlan çagymam,
Seň mähriňden zarýad alyp barýana.

Güýç alýarkam ary eliňden tutup,
Agaç salyp, aýryp bilmez hiç kimem.
Yşkyňy kirpikmen gözleňde duýup,

Söýgi diýip men bar zatdan geçdimem.

«Mende, asyl, tok neýlesin?!» diýme sen,
Gel, diňle, ýüregmiň batly urşuny.
Meniň galpyldymy eldäp, duýmasaň
Bilmersiňem, seni çaksyz söýşümi.

Kazam dolsa. Ýerlenmänkäm gabryma,
Emaý bilen sypap göräý meýdimi.
Tap getirip bilmän güýçli zarbyňa,
Galdyrasa…
Şoldur mähriň duýdugy!

31.05.2023 ý.

Baýramberdi GELDIMYRADOW. Goşgular